# Könebiçüw / ýumorly miniatýura

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Könebiçüw / ýumorly miniatýura KÖNEBIÇÜW




Men oňa baharyň ilkinji günlerinde şäherimiziň köp mähelleli köçeleriniň birinde gabat geldim. Mylaýym ýaz şemaly öwüsýän, hoştap howaly säherdi.
Gabat garşymda peýda bolan giň ýakaly, gyzyl gülli köýneginiň üstünden ak penjek jalbarly, aýagy uzyn ökjeli köwüşli kişi edil öten asyryň 70-nji ýyllaryndan gaýyp düşen ýalydy. Onuň jowur ak balagynyň gäminiň küregi ýalygonçlaryna seredip aňk-taňk bolup durşuma «Wagt maşynyny oýlap tapaýdylarmyka?» diýip, kinaýa bilen ýylgyrdym.
Maňlaýyna düşüp duran uzyn saçlary, çekgesindäki "bakenbardy" ony täsin görkezýärdi. Häzir gapdalymdan geçip gitse, şol ýyllaryň atyry burnuma urarmyka diýip pikir etdim.
Egin-eşikleri, saç-sakalynyň bejerilişi bilen tutuşlygyna geçen döwürleriň adamyna meňzeýän kişigülli köýneginiň gursak jübüsinden «Iphona-6» eltelefonyny çykardy welin, meniň aňymda-hyýalymda bina bolan bar sazlaşyk edil mozaika ýa-da kartadan edilen tilsim ýaly pytrap gitdi. 70-nji ýyllaryň titi adamynyň keşbindäki kişiniň biziň ösen döwrümiziň iňsoňky

model el telefonuny göterýändigi kalbymda dörän nostaliýa duýgularyny bozanam hiç weli… birden onuň elindäki telefon gadymky öý telefonlarynyň gulagymyzda galan jyrryldawuk sesi bilen gygyrdy. Onuň telefona saýlap goýan sazy ýaňky bozan sazlaşygyny öňküden beter bulam-bujar etdi.

Sylapberdi MUHAMOW.

2017 ýyl. fewral. Satiriki hekaýalar